# Pelek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Pelek PELEK



Bir seretsem, galan eken ýaşlygym,
Hol geçmişiñ gatlarynda saralyp.
Duýmandyryn tüm gije deý saçlarym,
Asyl görsem, giden eken çalaryp.
Göwnüm bolsa henizlerem guş ýaly,

Uçup ýör yzynda, arzuw-hyýallañ.
Men bolsa duýmadyk, bilmedik bolýan,
Arabamyñ jygyldysyn, haýallan.

Durmuş arabamy silterläp, çaýkap,
Alyp geldi, dogdygymdan düýnüme.
Düýş mysaly, haýran galyp otyryn,
Dünýä gelip, bu pelegiñ oýnuna.

Belki düýşdir, bu dünýäniñ gurluşy,
Düýş bolsa gamlanmak nämäme gerek.
Rugsatdyr, ýene-de şol öñkiñ ýaly,
Düýş deýin oýnuñy, oýnaber pelek. Goşgular